# Biziñ günlerimize çenli bedeninden bir bölek saklanyp galan taryhy şahslar

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Medisina,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Biziñ günlerimize çenli bedeninden bir bölek saklanyp galan taryhy şahslar BIZIÑ GÜNLERIMIZE ÇENLI BEDENINDEN BIR BÖLEK SAKLANYP GALAN TARYHY ŞAHSLAR

*Geçmişde ýaşap geçen käbir taryhy şahslaryñ ölüsi-de, dirisi-de ummasyz pul gazandyrypdyr diýsek, käbirleriñize geñsi eşidilmegi ahmal. Hawa, beýnisinden başlap barmagyna, saçyndan başlap ujydyna çenli bularyñ käbir synasy ýa ogurlanypdyr, ýa saklanyp biziñ günlerimize çenli gelip ýetipdir. Geliñ, hemmämiz bilelikde synasy ogurlanan şahslaryñ kimdigine ser salalyñ.*

1. **Albert Eýnşteýniñ beýnisi**

XX asyryñ iñ meşhur alymy saýylýan Nobel baýragynyñ eýesi Albert Eýnşteýniñ ogurlanaýjak synasy näme bolup biler diýseler, megerem, ilki bilen onuñ beýnisi göz öñüñize gelse gerek. Dogry. 1955-nji ýylda 18-nji aprelinde aradan çykan Eýnşteýniñ beýnisini ölenden soñ öwrenmek üçin kelleçanagyndan çykaryp alypdyrlar. Soñra beýni ýitirim bolupdyr. Şondan ýigrimi üç ýyl geçensoñ, 1978-nji ýylda Tomas Ştols Harwi alymyñ ogurlanan beýnisini tapypdyr we onuñ üstünde gaýtadan işläpdirler.
2010-njy ýylda alymyñ beýnisi Waşingtonyñ döwlet saglygy goraýyş we medisina muzeýine tabşyrylypdyr.

2. **Bethoweniñ gulagy**

Dünýä belli kompozitor Lýudwig wan Bethoweniñ gojalşan çagy gulagynyñ ker bolandygyna garamazdan, onuñ döreden sazlary

lukmanlaryñ esasy gyzyklanýan temasyna öwrüldi. 1827-nji ýylda aradan çykan meşhur kompozitoryñ meýdi sud-medisina ekspertizasyna salnanda, onuñ gulaklary ogurlandy. Ogurlanan gulak tä 2005-nji ýylda Wenada ýaşaýan maşgala özlerinde saklanýandygyny aýdýançalar gören-eşiden bolmady. Bethoweniñ gulagy häzir ABŞ-nyñ Kaloforniýa ştatynyñ San Jose uniwersitetinde saklanýar.

3. **Buddanyñ dişi**

B.e.öñ VI asyrda ölen buddizmiñ esaslandyryjysy Gautama Buddanyñ maslygy ýakylandan soñ, dişi ýadygärlik hökmünde saklanypdyr. Buddanyñ dişi häzir Şri-Lankanyñ Kandi ybadathanasynda saklanýar.

4. **Napoleonyñ ujydy**

Aýtmaklaryna görä, 1821-nji ýylyñ 5-nji maýynda ölen Napoleonyñ jesedi sud-medisina ekspertizazyna salynanda, onuñ ujydy kesilip alynypdyr. 1916-njy ýyla çenli jesede seljerme geçiren lukmandan gördüm-bildim bolmandyr. 1970-nji ýylda amerikan urology Jon Kingsleý Lattime 3.000 amerikan dollaryny berip, Napoleonyñ ujydynyñ saklanyp galan böleklerini satyn alypdyr.

5. **Galileýiñ orta barmagy**

Geçiren ylmy-barlag işleri bilen häzirkizaman fizikasyna itergi beren we astronomiýada uly öwrülişikleri döreden hem-de dünýäniñ şar şekillidigini aýdan ilkinji alym Galileo Galileý hem synasy ogurlanan şahslardan. Alym togsan bäş ýaşynda aradan çykansoñ, onuñ orta barmagy kesilip alynýar. Kesilen gününden bäri biziñ günlerimize çenli elden-ele geçip gelen «orta barmak» häzir Florensiýanyñ Taryh we ylym muzeýinde saklanýar.

6. **Tomas Edisonyñ iñ soñky demi**

Edil sözüñ doly manysynda syna hasap edilmese-de, Tomas

Edisonyñ iñ soňky demi taryhy şahslaryñ ölüminden soñ saklanýan synalarynyñ sanawyna girýär. Edison ömrüniñ soňky günlerini ýakyn dosty Genri Fordyñ ýanynda geçiripdir. Genri Ford bolsa Edisonyñ oglundan onuñ iñ soňky demini alyp galmagy haýyş edipdir. Çynmy, ýalanmy… ony anyk bilýän ýok, emma bir aýna gabyñ içine üflenen bu iñ soňky dem häzir Genri Forduñ adyny göterýän muzeýde saklanýar.

7. **Rasputiniñ ujydy**

Grigoriý Rasputin aşa aýgyrlygy we tebigy syzyş güýji bilen Patyşa Russiýasynyñ iñ belli adamlarynyñ biridi. Megerem, şonuñ üçin bolsa gerek, ol 1916-njy ýylda taryha giren teraktyñ gurbany bolýar. Ölenden soñ onuñ ujydy kesilip alynýar. 1920-nji ýyla gelinende rus aýal-gyzlarynyñ döreden bir sektasynda onuñ gyzy Mariýa kakasynyñ ujydyna çokunylýandygyny görüpdir. Ujyt bu ýerden alynyp, Sankt-Peterburgyñ Erotik muzeýine tabşyrylýar.

8. **Awraam Linkolnyñ süňk owuntyklart**

ABŞ-nyñ on altynjy prezidenti Awraam Linkolnyñ janyna kast edilmegi netijesinde aradan çykýar. Teraktda kellesine ok giren Linkolnyñ kelleçanagy bölünensoñ, ok çykarylýar. Onuñ kelleçanagy bölünende pytran süňk owuntyklaryny ýygnap goýýarlar. Häzir bu owuntyklar Waşingtonyñ döwlet saglygy goraýyş we medisina muzeýinde saklanýar.

9. **Çe Gewaranyñ saçy**

Argentinada doglan marsksist rewolýusioner Çe Gewara Boliwiýada öldürilenden soñ MRU-nyñ gizlin agenti Gewaranyñ saçyny kesip alypdyr. Şol bir sagtyñ özünde onuñ barmagynyñ yzy we synasyndan çykarylan ok bölekleri 119.500 amerikan dollaryna satylypdyr. Häzir bular ABŞ-nyñ Tehas ştatynda ýaşaýan kitapçy söwdagäriñ birinde. Onda Gewara degişli näme bar bolsa saklanýar.

10. **Musollininiñ beýnisi**

Italýan diktatory Benito Mussolini 1945-nji ýylda ölüm jezasyna höküm edilende, amerikan hökümeti Mussolininiñ beýnisi öwrenmäge döwtalap boldy. 1966-njy ýyla gelinende, ýagny, ýigrimi bir ýyldan soñ Mussolininiñ beýnisi onuñ yzynda dul galan aýalyna gaýdyp berilipdir. 2007-nji ýylda Mussolininiñ beýnisi eBay (internet satuwy) arkaly satuwa çykarylanda, 22.000 dollara geçipdir.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

@ Kitapçylar. Geň-taňsy wakalar